Türkmenistanyň Prezidentiniň
2021-nji ýylyň 22-nji ýanwarynda
çykaran 2088-nji karary bilen
tassyklandy

# Türkmenistanda 2021-2025-nji ýyllarda bedenterbiýäni we sporty goldamagyň hem-de ösdürmegiň MAKSATNAMASY

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 02.12.2021 ý. çykaran № 2520 karary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

## I bap. Giriş

Türkmenistanyň Prezidentiniň taýsyz tagallalary netijesinde ýurtda ata-babalarymyzyň ruhy gymmatlyklaryny öz ünde jemleýän binýada esaslanýan bedenterbiýe we sport babatynda döwlet syýasaty üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bedepterbiýäni we sporty döwlet derejesinde goldamak we ösdürmek ugrunda taryhy işler amala aşyrylýar. Durmuşa geçirilýän bu taryhy işler özüniň oňyn netijelerini berýär. Watana, halka, milli däp-dessurlara wepaly, bilim almaga, sport bilen meşgullanmaga, hünär öwrenmäge, zähmet çekmäge höwesli, ruhubelent ýaşlar kemala gelýär. Milli türgenlerimiz halkara sport ýaryşlarynda üstünlikler gazanyp, ýokary derejelere eýe bolýarlar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň baştutanlygynda sporty ösdürmek ugrunda amala aşyrylýan döwlet syýasaty hemişe parahatçylygy ündäp gelýän, agzybirlige, bagtyýarlyga çagyrýan hem-de dünýä ýüzünde ynsanperwerligi wagyz edýän merdana halkymyzyň häzirki bagtyýar ýaş nesillerini watansöýüjilige, ynsanperwerlige, zähmetsöýerlige, maksadaokgunlylyga, belent ahlaklylyga gönükdirmäge niýetlenendir. Okamak we öwrenmek, sport bilen meşgullanmak, döredijilikli hem-de yhlasly zähmet çekmek bilen, eziz Watanymyzyň gülläp ösmegine mynasyp goşant goşmak, abadan durmuşyň hatyrasyna kämillige ýetmek bagtyýar nesilleriň baş maksady bolmalydyr.

Türkmenistanyň Prezidentiniň baştutanlygynda hemişelik Bitarap Türkmenistanda ýaşlar syýasatyny, bilimi, sporty ösdürmäge, bu möhüm ulgamlary

dünýä derejesine çykarmaga uly üns berilýär. Türkmenistanda bilim ulgamynyň hilini yzygiderli ýokarlandyrmak, türgenleriň hünär derejesini kämilleşdirmek boýunça netijeli işler alnyp barylýar.

Bu ulgamyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmaga köp mukdarda maýa goýumlary gönükdirilýär, onuň düzümine ylmyň öňdebaryjy gazananlary, şol sanda sanly tehnologiýalar ornaşdyrylýar. Gurlup ulanylmaga berilýän täze okuw binalary we sport maksatly desgalar hem bu işleriň aýdyň netijesidir.

Milli sport ulgamynda özgertmeleriň amala aşyrylmagy netijesinde, öz üstünlikleri bilen Türkmenistanyň dünýä giňişligindäki abraýyny has-da belende götermäge, sport babatda gazanylanlary pugtalandyrmaga saldamly goşant goşmaga taýýar zehinli ýaşlaryň täze nesli kemala gelýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurtda bedenterbiýäni we sporty ösdürmek bilen bagly tabşyryklaryna laýyklykda, Türkmenistan Watanymyz dürli derejedäki, şol sanda iri sport ýaryşlarynyň geçirilýän mekanyna öwrüldi. Welaýatlarda we Aşgabat şäherinde sport maksatly desgalaryň, şeýle hem paýtagtymyzda Olimpiýa şäherçesiniň binalar toplumynyň, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda «Awaza» sport toplumynyň gurulmagy, Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrliginiň edara binasynyň, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň Olimpiýa görnüşleri fakultetiniň binasynyň durkunyň täzelenmegi hem-de binalar toplumynyň gurulmagy, beýleki sport maksatly desgalaryň yzygiderli gurlup, ulanylmaga berilmegi türkmen türgenleriniň sport ýaryşlarynda üstünlikli çykyş etmeklerini, baýrakly orunlara mynasyp bolmaklaryny şertlendirýär.

Şeýle hem Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkeziniň gurluşygynyň çäklerinde sport ugry boýunça 3 sany desganyň - Köpugurly sport toplumynyň, 10 müň orunlyk stadionyň hem-de Sport merkeziniň gurluşygyna badalga berildi.

Häzirki wagtda ýurtda köpçülikleýin bedenterbiýe we sport hereketine giň orun berilýär. Jemgyýetimizde kämil şahsyýeti terbiýelemekde mekdep okuwçylarynyň we talyp ýaşlaryň bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaklaryna uly üns berilýär.

Orta mekdeplerde bedenterbiýe sapaklarynyň möçberiniň artdyrylmagy ýaş nesliň beden we ruhy taýdan sagdynlygyny gazanmakda möhüm ädimleriň biri boldy.

2018-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 3-nji iýuny «Bütindünýä welosiped güni» diýip yglan etmek baradaky ýörite Kararnamasynyň kabul edilmegi Türkmenistanyň sporty we bedenterbiýe-sagaldyş

hereketini ösdürmekde, olimpiýa gymmatlyklaryny wagyz etmekde gazanýan üstünliklerine halkara bileleşik tarapyndan ýokary baha berilýändiginiň we bu üstünlikleriň ykrar edilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

2018-nji ýylda Aşgabatda Bütindünýä welosiped güni mynasybetli köpçülikleýin welosiped sporty sapagy geçirilip, ol dünýä rekordy hökmünde hasaba alyndy.

2019-njy ýylda Aşgabatdaky Olimpiýa şäherçesinde 2019 welosipedçiniň gatnaşmagynda bir ugur boýunça iň dowamly welosiped ýörişi geçirildi. Bu ýöriş hem Ginnesiň bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi. «Türkmenistan - Bitaraplygyň mekany» diýlip yglan edilen 2020-nji ýylda Aşgabat şäherinde «Welosiped» binasy dabaraly ýagdaýda açyldy. «Aşgabat şäherinde 2021-nji ýylda Welotrek boýunça dünýä çempionatyny geçirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2020-nji ýylyň 26-njy noýabrynda çykaran karary bolsa, türkmen sportunyň taryhynda öçmejek yz galdyrdy.

Bulardan başga-da eziz Diýarymyzda her ýyl Bütindünýä saglyk gününi bellemek hem-de «Türkmenistan - sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy» atly şygar astynda sagdyn durmuş kadalaryny wagyz etmek boýunça köpçülikleýin bedenterbiýe- sport çärelerini geçirmek asylly däbe öwrüldi.

Bedenterbiýe we sport babatynda döwlet syýasatyny netijeli amala aşyrmagyň hukuk esaslaryny, maksatlaryny, wezipelerini, ýörelgelerini, esasy ugurlaryny, çärelerini hem-de tärlerini kesgitleýän «Bedenterbiýe we sport hakyndaky» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Bedenterbiýe we sport babatynda döwlet syýasatyny durmuşa geçirmek maksady bilen, bedenterbiýäniň we sportuň ösüşine we kämilleşmegine gönükdirilen döwlet syýasatyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde amala aşyrylýan maksatnamalary utgaşdyrmak hem-de degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen sazlaşykly işleri guramak üçin, Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi döredildi. Bu işler hemişelik Bitarap Türkmenistanda bedenterbiýä we sporta döwlet derejesinde örän jogapkärçilikli hem-de oýlanyşykly çemeleşilýändigine şaýatlyk edýär.

Ýurduň durmuş-ykdysady ösüşine degişli möhüm ähmiýetli we ileri tutulýan wezipeleriň çözülmegi, bedenterbiýe we sport babatynda döwlet syýasatyny umumylaşdyrmak, bu ugurda amala aşyrylýan maksatnamalary utgaşdyrmak hem-de bu ugurda alnyp barylýan ähli işleri bitewi resminama jemlemek maksady bilen, Türkmenistanda 2021-2025-nji ýyllarda bedenterbiýäni we sporty goldamagyň

hem-de ösdürmegiň Maksatnamasy (mundan beýläk - Maksatnama) Işlenip taýýarlanyldy.

Maksatnama işlenip taýýarlanylanda Türkmenistanyň Konstitusiýasyndan, «Bedenterbiýe we sport hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyndan, «Bilim hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyndan, «Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyndan hem-de sport çygrynda ýurtda hereket edýän kanunlardan, «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyndan», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyndan», şeýle hem halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerinden we kadalaryndan hem-de beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ugur alyndy.

Maksatnama bedenterbiýe we sport babatynda döwlet syýasatynyň esasy ýörelgelerini, maksatlaryny, wezipelerini, ileri tutulýan ugurlaryny hem-de ony amala aşyrmagyň çärelerini beýan edýän ugur görkeziji resminama bolup durýar.

## II bap. Maksatnamanyň amala aşyrylmagynyň esasy ýörelgeleri

Maksatnamanyň amala aşyrylmagynyň baş ýörelgesi bedenterbiýe we sport babatda döwlet syýasatynyň Türkmenistanyň kanunçylygynda berkidilen esasy ýörelgelerini has-da kämilleşdirmekden we bu syýasatyň netijeliligini mundan beýläk-de ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Bedenterbiýe we sport çygrynda kanunçylyk namalarynda göz öňünde tutulan ýörelgeleri, ýagny umumadamzat gymmatlyklaryny, raýatlaryň saglygyny we ömrüni goramaklyga, şeýle hem haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, ýaşyna, gelip çykyşyna, diline, dini we syýasy garaýyşlaryna garamazdan, adamlaryň bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaklarynda deňhukuklylygyny üpjün etmeklige gönükdirilendir. Sportuň görnüşleri boýunça ýokary derejelere eýe bolmak, köpçülikleýin bedenterbiýäni we sporty ösdürmek maksady bilen, dürli ýaşdaky adamlaryň mümkinçiliklerini we isleglerini hasaba almak bilen, sport babatda döwlet syýasatynyň ylmy esaslylygyny we toplumlaýynlygyny gazanmak hem Maksatnamanyň amala aşyrylmagynyň esasy ýörelgeleriniň biri bolup durýar.

## III bap. Maksatnamanyň esasy maksady we wezipeleri

Maksatnamanyň esasy maksady bedenterbiýäni we sporty goldamak hem-de ösdürmek arkaly türkmen jemgyýetinde sagdyn durmuş ýörelgelerini kemala getirmekden, adamlaryň bedenterbiýe we sport bilen yzygiderli meşgullanmaga bolan isleglerini kanagatlandyrmakdan, şeýle hem adamlaryň boş wagtlaryny peýdaly geçirmekde, olaryň saglygyny berkitmekde we keselleriň öňüni almakda bedenterbiýäniň we sportuň mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmak üçin zerur şertleri döretmekden hem-de türkmen sportuny dünýäde ýokary derejelere çykarmakdan ybaratdyr.

Maksatnamanyň esasy wezipeleri:

1) ilaty bedenterbiýe we köpçülikleýin sport bilen meşgullanmaga giňden çekmek, çagalar sportuny ösdürmek;

2) ilatyň, aýratyn hem, ýaşlaryň arasynda bedenterbiýäni we sporty, sagdyn durmuşy wagyz etmek;

3) mekdebe çenli ýaşly çagalaryň, okuwçylaryň we talyplaryň arasynda bedenterbiýäni we sporty ösdürmek we bu ugurda berilýän bilimiň hilini ýokarlandyrmak;

4) ilatyň uly ýaşly toparlarynyň arasynda bedenterbiýäni we sporty ösdürmek;

5) saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçiligi çäkli adamlaryň arasynda bedenterbiýäni we sporty ösdürmek;

6) bedenterbiýe we sport boýunça hünärmenleri taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak;

7) bedenterbiýe we sport babatdaky ylmy ösdürmek;

8) bedenterbiýäniň we sportuň halkara derejesinde ösen ulgamyny döretmek we kämilleşdirmek;

9) halkara derejeli ussat türgenleri taýýarlamak;

10) bedenterbiýe we sport babatda halkara sport guramalary bilen hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek;

11) Türkmenistanda bedenterbiýäni we sporty goldamagyň hem-de ösdürmegiň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek bolup durýar.

## IV bap. Bedenterbiýäniň we sportuň ösen ulgamyny döretmek we kämilleşdirmek

Bedenterbiýäniň we sportuň halkara derejesinde ösen ulgamyny döretmek we kämilleşdirmek, ilatyň sport maksatly desgalary bilen üpjünçiligini gowulandyrmak

üçin, hereket edýän sport desgalaryny abatlamak we sport esbaplary hem-de enjamlary bilen üpjün etmek işleri giň gerimde dowam etdiriler.

Maksatnama bedenterbiýe-sagaldyş we sport hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga we onuň ilat üçin elýeterli bolmagyny üpjün etmäge niýetlenendir.

Ilatyň bedenterbiýe we sport arkaly sagdyn durmuşda ýaşamagyna, işlemegine hem-de işjeň dynç almagyna giň mümkinçilikleri döretmek işine aýratyn uly üns berler. Türkmen jemgyýetinde sagdyn durmuş ýörelgeleriniň esaslarynyň ornaşdyrylmagyny üpjün edýän, ýaşyna we jynsyna baglylykda Türkmenistanyň raýatlarynyň beden taýýarlygyna bolan talaplaryň we beden taýýarlygynyň ölçegleriniň jemini kesgitleýän Beden terbiýesiniň döwlet toplumy işlenip taýýarlanylar.

Sanly tehnologiýalara esaslanyp, bedenterbiýäniň we sportuň maddy-enjamlaýyn binýady döwrebaplaşdyrylar.

Ösüp gelýän ýaş nesli sporty söýmek we halal zähmete hormat goýmak ruhunda terbiýelemek, çagalar sportuny ösdürmek üçin mekdeplerde we beýleki bilim-terbiýeçilik edaralarynda uly mümkinçilikler we şertler dörediler.

Türkmenistanyň halkara sport abraýyny ýokarlandyrmak maksady bilen, bedenterbiýe we sport ulgamynda halkara hyzmatdaşlyk ösdüriler hem-de ýurtda iri halkara sport ýaryşlary geçiriler.

Sportuň Olimpiýa we beýleki ileri tutulýan görnüşleri boýunça milli ýygyndy toparlaryň abraýly halkara ýaryşlara ýokary taýýarlygyny üpjün etmek üçin zerur şertleri döretmegiň çäklerinde ýurduň sebitlerinde häzirki zaman okuw-türgenleşik desgalarynyň gerimi giňeldiler.

Umumydöwlet, sebitleýin we halkara derejelerde bedenterbiýe-sagaldyş çärelerini we sport ýaryşlaryny guramakda hem-de geçirmekde meýletinçilik işi has-da kämilleşdiriler.

Bedenterbiýäniň we sportuň ösen ulgamyny döretmek hem-de kämilleşdirmek boýunça tagallalar, ilatyň saglygyny berkitmek bilen bir hatarda, halkara derejeli ussat hünärmenleriň taýýarlanylmagyny, ýurduň köpçülikleýin sportuň ösen we abraýly halkara sport ýaryşlarynyň geçirilýän mekanyna öwrülmegini üpjün eder.

Halkara Olimpiýa komitetiniň we sportuň görnüşleri boýunça halkara federasiýalaryň sport hünärmenleriniň gatnaşmaklarynda sanly tehnologiýalary peýdalanmak arkaly uzak aralykdan okuw-türgenleşik sapaklary, şeýle hem seminarlar geçiriler.

Türkmenistanda bedenterbiýäni we sporty goldamak hem-de ösdürmek maksady bilen, daşary ýurtlaryň degişli sport guramalary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek hem-de bu ugurda sanly we innowasion tehnologiýalar babatda dünýä tejribesiniň gazananlaryny ýurduň sport ulgamyna ornaşdyrmak üçin degişli işler geçiriler.

## V bap. Ilatyň, aýratyn hem, ýaşlaryň arasynda bedenterbiýäni we sporty, sagdyn durmuşy wagyz etmek hem-de zerur maglumatlaryň elýeterliligini gazanmak

Bedenterbiýäni we sporty, sagdyn durmuşy wagyz etmek işi pudagyň ösen ulgamyny döretmek hem-de kämilleşdirmek wezipesi bilen bir hatarda, ilaty bedenterbiýä we sporta giňden çekmegiň binýatlaýyn esasy bolup durýar. Bedenterbiýäni we sporty, sagdyn durmuşy wagyz etmek işini ilatyň arasynda we her bir raýata niýetlenen ýörite maglumat maksatnamalaryny işläp taýýarlamak hem-de durmuşa geçirmek arkaly amala aşyrmak göz öňünde tutulýar.

Bedenterbiýäni we sporty wagyz etmek boýunça esasy wezipeler:

1) çagalar-ýetginjekler sport mekdepleriniň, olimpiýa ätiýaçlygyny taýýarlaýan sport mekdep-internatlarynyň, milli ýygyndy toparlaryň, bedenterbiýe toparlarynyň iş meýilnamalaryny kämilleşdirmekden;

2) mekdebe çenli çagalar edaralarynda we umumybilim edaralarynda sport äleminde yz galdyran weteran türgenler, tanymal tälimçiler bilen duşuşyklary guramakdan;

3) ýurduň sport mekdeplerinde, sport merkezlerinde «Açyk gapylar» günleriniň geçirilmegini ýola goýmakdan;

4) Türkmenistanda şanly senelere bagyşlanan sport-köpçülikleýin çäreleriniň, türgenleriň görkezme çykyşlarynyň geçirilmegini guramakdan;

5) bedenterbiýäniň we sportuň ähmiýetini köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen giňden wagyz etmekden, bu ugurda gepleşikleriň sanyny artdyrmakdan hem-de mahabatlandyrylmagyny üpjün etmekden;

6) bedenterbiýe we sport babatda dürli edebiýatlary, wideoýazgylary we kompýuter programmalaryny köpçülikleýin neşir etmekden;

7) ilatyň dürli gatlaklary üçin usulyýet gollanmalaryny we gözükdirijilerini işläp taýýarlamakdan hem-de ýaýratmakdan;

8) internet saýtlaryny we maglumatlar binýadyny döretmekden hem-de beýleki çäreleri geçirmekden;

9) adamlaryň bedenterbiýe we sport babatda bilim derejesini ýokarlandyrmak we has-da kämilleşdirmek maksady bilen, ylmy taýdan esaslandyrylan maglumatlary özünde jemleýän internet saýtlaryny ilata elýeterli etmekden ybaratdyr.

## VI bap. Ilaty bedenterbiýe we köpçülikleýin sport bilen meşgullanmaga giňden çekmek

Maksatnamada bedenterbiýäni we köpçülikleýin sporty ilatyň sagdyn ýaşamagyny üpjün etmegiň, hemmetaraplaýyn kämil şahsyýeti kemala getirmegiň hem-de zyýanly endiklere garşy göreşmegiň iň ygtybarly serişdesi hökmünde hil taýdan täze basgançaga çykarmak göz öňünde tutulýar.

Şunuň bilen birlikde, her adamyň çagalyk döwründen başlap, tutuş ömrüniň dowamynda bedenterbiýe we sport bilen üznüksiz meşgullanmagyny öz içine alýan bedenterbiýe we sport ulgamyny döretmek bellenilýär.

Ilat arasynda höweslendirmek ýörelgesi arkaly bedenterbiýäni ösdürmek, adamlaryň bedenterbiýe we sport hereketine meýletin gatnaşmagyny gazanmak göz öňünde tutulýar. Bu ýörelgeleriň durmuşa ornaşdyrylmagyna:

1) ilatyň ýaşaýan we köpçülikleýin dynç alýan ýerlerinde, kärhanalarda, edaralarda we guramalarda sport desgalarynyň we meýdançalarynyň gurulmagy, bedenterbiýe-sagaldyş, sport klublarynyň, sport merkezleriniň açylmagy;

2) maşgala sportunyň ösdürilmegi, maşgala agzalarynda gündelik bedenterbiýe-sagaldyş maşklary bilen meşgullanmak endiginiň döredilmegi;

3) eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, kärhanalarda, edaralarda we guramalarda işgärleriň arasynda bedenterbiýäni we sporty ösdürmegiň maksatnamasynyň işlenip taýýarlanylmagy;

4) ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, guramalaryň we kärhanalaryň işgärleriniň arasynda bedenterbiýe we sport boýunça ýaryşlaryň guralmagy;

5) ilatyň dürli gatlaklary üçin bedenterbiýe we sport boýunça usulyýet gollanmalarynyň işlenip taýýarlanylmagy;

6) köpçülikleýin sport-sagaldyş işleriniň, sportuň oýun görnüşleri boýunça ýaryşlaryň sanynyň artdyrylmagy (edara-kärhanalarda, ilatyň ýaşaýan we dynç alýan ýerlerinde) ýardam eder.

Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, edaralarda, kärhanalarda we guramalarda işgärleriň bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaklaryna goldaw berilmegini hem-de sagdyn durmuş ýörelgeleriniň netijeli ornaşdyrylmagyny höweslendirmek esasy ugurlaryň biri hasaplanýar.

Häzirki döwürde gurlup, ulanylmaga berlen sport desgalary, bedenterbiýe-sagaldyş toplumlary, ilkinji nobatda, adamlaryň bedenterbiýe we köpçülikleýin sport bilen meşgullanmagy üçin iň amatly şertleri döretmäge hem-de höweslendirmäge ýardam edýär.

Ýurtda sporty ösdürmek üçin ähli şertleriň döredilendigini göz öňünde tutup, her ýylda jemleýji tapgyry geçirmek bilen, «Türkmenistan - ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy» atly sport ýaryşlary geçirilýär. Bu ýaryşlar ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň hem-de welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň toparlarynyň arasynda geçirilýän sport ýaryşlaryny öz içine alýar.

## VII bap. Mekdebe çenli ýaşly çagalaryň, okuwçylaryň we talyplaryň arasynda bedenterbiýäni we sporty ösdürmek

Çagalar sportuny ösdürmek, ýaş nesli sporty söýmek we halal zähmete hormat goýmak ruhunda terbiýelemek, hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti kemala getirmek işi Maksatnamanyň esasy ugurlarynyň biri hasaplanylýar.

Şu nukdaýnazardan:

1) «Türkmenistan - ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy» atly sport ýaryşlarynyň çäklerinde umumybilim berýän edaralaryň spartakiadasyny, başlangyç we orta hünär bilimi edaralarynyň arasynda sport ýaryşlaryny, ýokary hünär bilimi edaralarynyň uniwersiadasyny geçirmek;

2) ata-eneler üçin çagalaryň bedenterbiýesi boýunça maslahatlary işläp taýýarlamak we tejribä ornaşdyrmak;

3) çagalar bedenterbiýesi we sporty boýunça okuw-usulyýet gollanmalaryny, wideoýazgylary hem-de kompýuter programmalaryny işläp taýýarlamak hem-de köpçülikleýin ýaýratmak;

4) bilim edaralarynda hereket edýän sport desgalaryny, sport meýdançalaryny abatlamak, döwrebaplaşdyrmak we olaryň durkuny täzelemek, täzelerini gurmak, olary zerur esbaplar hem-de enjamlar bilen üpjün etmek;

5) täze gurulýan mekdeplerde döwrebap sport ulgamlarynyň bolmagyny gazanmak;

6) çagalaryň okuwdan boş wagtlarynyň esasy bölegini mekdep sporty bilen meşgullanmaga sarp etmeklerini, mekdeplerde sport çärelerini gündelik guramak we olara okuwçylaryň aglaba köpüsiniň gatnaşmagyny gazanmak üçin goşmaça tälimçileri hem-de terbiýeçileri işe çekmek;

7) bilim edaralarynda döwrebap enjamlaşdyrylan lukmançylyk otaglaryny döretmek hem-de okuwçylaryň saglyk ýagdaýyna we beden taýýarlygyna lukmançylyk gözegçiligini üpjün etmek;

8) çagalaryň beden we sport taýýarlygyny ösdürmek boýunça çagalar-ýetginjekler klublaryny döretmek;

9) sportuň görnüşleri boýunça ýaryşlaryň ulgamyny işläp taýýarlamak we ornaşdyrmak;

10) asyrlaryň dowamynda kämilleşdirilip gelnen milli ýörelgelere esaslanyp, ýurduň bilim edaralarynda türkmen milli we hereketli oýunlaryň görnüşleriniň ornaşdyrylmagyny gazanmak;

11) çagalar we ýetginjekler üçin niýetlenen ertirki maşklaryň teleýaýlymlarda ir bilen goýberilmegini guramak;

12) umumybilim berýän edaralar bilen bilelikde başlangyç, orta we ýokary hünär bilimi edaralarynyň bedenterbiýe we sport işini kämilleşdirmek, talyp sportuny ösdürmek. Şu maksatlar bilen:

a) sport esbaplary we enjamlary bilen üpjün etmek;

b) bedenterbiýe işini talyplaryň beden taýýarlygynyň derejesini we fiziki mümkinçiliklerini hasaba almak bilen kämilleşdirmek;

ç) welaýatlarda sport mekdep-internatlaryny döretmek;

d) sportuň görnüşleri boýunça talyplaryň toparlarynyň sanyny artdyrmak, talyplaryň sport merkezini döretmek, sportuň görnüşleri boýunça ýaryşlaryň ulgamyny işläp taýýarlamak we ornaşdyrmak;

e) milli ýygyndy toparlara alnan türgen talyplaryň kämilleşmegini üpjün etmek üçin zerur şertleri döretmek göz öňünde tutulýar.

## VIII. Halkara derejeli ussat türgenleri taýýarlamak

Türkmenistanyň ýygyndy toparlarynyň Olimpiýa oýunlaryna, dünýä, Aziýa we beýleki halkara sport ýaryşlaryna ýokary derejede taýýarlykly gatnaşmaklaryny hem-de baýrakly orunlara mynasyp bolmaklaryny üpjün etmek üçin, halkara derejeli ussat türgenleri ýetişdirmek işiniň ulgamy yzygiderli kämilleşdiriler.

Zehinli, ýeňşe ukyply türgenleri çagalykdan ýüze çykarmakda we saýlap-seçip almakda, ýöriteleşdirilen şertlerde taýýarlamakda hem-de halkara derejeli ussatlyga çenli ösdürmekde sport mekdepleriniň, sport merkezleriniň we uly sport toplumlarynyň hem-de beýleki sport maksatly desgalaryň degişli edaralar, kärhanalar we guramalar bilen özara utgaşykly işiniň kämilleşdirilmegi göz öňünde tutulýar.

Bu wezipäni ýerine ýetirmek maksady bilen, sporta zehinli çagalary saýlap-seçip almak, olaryň saglyk ýagdaýyny, beden we ruhy taýdan ösüşini kesgitleýän kadalary işläp taýýarlamak, türgenleri ýetginjeklikden halkara derejesinde geçirilýän abraýly ýaryşlara gatnaşdyrmak, berk bedenli we ruhy taýdan kämil şahsyýetleri ýetişdirmek üçin toplumlaýyn işleriň amala aşyrylmagy we beýleki birnäçe çäreleriň durmuşa geçirilmegi göz öňünde tutulýar.

Ussat türgenleri taýýarlamak işi halkara sport guramalarynyň tassyklan düzgünlerini hasaba almak bilen, okuw-türgenleşik işleriniň täze usullarynyň ornaşdyrylmagyny, şeýle hem türgenleriň we tälimçileriň saglyk ýagdaýyny doly derejede öwrenmek we halkara tejribesini göz öňünde tutup, gözegçilik etmek üçin sport lukmançylygynyň soňky gazananlarynyň netijeli peýdalanylmagyny talap edýär.

Şonuň üçin türgenleri taýýarlamakda guramaçylyk-usulyýet taýdan:

1) türgeniň bedeniniň fiziki mümkinçiliklerini has doly açmaga şert döredýän usulyýet tejribelerini we döwrebap sport enjamlaryny peýdalanmaga;

2) türgenleriň iýmitiniň ýokumlylygyny ýokarlandyrmaga;

3) türgeniň fiziki ýüklenmelere uýgunlaşmak ukybyny güýçlendirmegi üpjün edýän usullary peýdalanmaga;

4) halkara sport federasiýalary tarapyndan taýýarlanylan usulyýet gollanmalaryny we maglumatlary ulanmak arkaly Türkmenistanyň ýygyndy toparlarynda okuw-türgenleşik işiniň kämilleşdirilmegine aýratyn üns berler.

Sportuň görnüşleri boýunça ýokary derejeli türgenleri taýýarlamak maksady bilen, olary höweslendirmek göz öňünde tutulýar.

Sportuň görnüşlerini ösdürmekde, milli ýygyndy toparlary taýýarlamakda hem-de olaryň halkara ýaryşlarynda üstünlikli çykyş etmeklerini üpjün etmekde sport federasiýalarynyň ähmiýetine uly üns berler.

Sport ulgamynda okuw-türgenleşik ýygnanyşyklarynyň guralyşyna we geçirilişine berk gözegçilik etmek ýola goýlar.

Bedenterbiýäni we sporty ösdürmekde lukmançylyk üpjünçiligini ýola goýmak üçin:

1) türgenleriň psihologik taýdan taýýarlygyny kämilleşdirmek;

2) sportda şikesleriň öňüni almak we dikeldiş işlerini ýola goýmak;

3) innowasion sport enjamlaryndan peýdalanyp, sport mekdepleriniň türgenlerine, ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryna we milli ýygyndy toparlaryň agzalaryna yzygiderli lukmançylyk gözegçiligini has-da ýokarlandyrmak göz öňünde tutulýar.

## IX bap. Saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçiligi çäkli adamlaryň arasynda bedenterbiýäni we sporty ösdürmek

Saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçiligi çäkli adamlaryň bedenterbiýe we sport bilen yzygiderli meşgullanmaklary üçin, şu çäreleri amala aşyrmak göz öňünde tutulýar:

1) saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçiligi çäkli adamlaryň bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaklary üçin döwlet goldawyny üpjün etmek;

2) saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçiligi çäkli adamlaryň sport desgalarynda bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaklary üçin zerur şertleri döretmek, ýörite enjamlar we esbaplar bilen üpjün etmek;

3) saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçiligi çäkli çagalar üçin bilim ulgamynda goşmaça sport klublaryny döretmek;

4) saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçiligi çäkli adamlar üçin ýöriteleşdirilen usulyýet gollanmalaryny işläp taýýarlamak we neşir etmek;

5) uýgunlaşdyryjy bedenterbiýäniň we uýgunlaşdyryjy sportuň usullaryndan peýdalanmak bilen, saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçiligi çäkli adamlary beden taýdan dikeltmek we durmuş taýdan uýgunlaşdyrmak işini kämilleşdirmek;

6) saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçiligi çäkli türgenleri halkara ýaryşlaryna, şol sanda Paralimpiýa oýunlaryna taýýarlamak hem-de gatnaşdyrmak.

## X bap. Bedenterbiýe we sport boýunça hünärmenleri taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak

Bedenterbiýäniň we sportuň hilini has-da gowulandyrmak maksady bilen, hünärmenleri taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak işine hem-de ony ösen ýurtlaryň derejesine ýetirmäge aýratyn uly üns berler.

Bu ugurlarda şu çäreleri amala aşyrmak göz öňünde tutulýar:

1) bedenterbiýe we sport ugurly bilim edaralarynda ökde hünärmenleri taýýarlamak, okatmagyň derejesini, professor-mugallymlar düzüminiň pedagogiki we hünär ussatlygyny ýokarlandyrmak boýunça çäreleri geçirmek;

2) bedenterbiýe we sport babatda ýörite orta bilimli hünärmenleri taýýarlamak maksady bilen, Olimpiýa ätiýaçlyk orta hünär bilimi edaralaryny açmak;

3) Türkmenistanyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň düzümlerinde sport klublaryny döretmek;

4) türgenleri, tälimçileri, sport eminlerini, bedenterbiýe we sport hünärmenlerini taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak we olaryň hünärini ýokarlandyrmak maksady bilen, ýurduň we daşary ýurt döwletleriniň ýokary okuw mekdeplerinde olaryň hünär kämilleşdiriş okuwlaryny guramak;

5) Halkara Olimpiýa komiteti we sportuň görnüşleri boýunça halkara federasiýalary bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmak arkaly, daşary ýurtly sport hünärmenleriniň gatnaşmaklarynda okuw-türgenleşik sapaklaryny, seminarlary geçirmek;

6) ýurduň milli ýygyndy toparlaryny halkara ýaryşlaryna taýýarlamak maksady bilen, daşary ýurtlaryň ussat tälimçileri bilen şertnamalaýyn esasda toplumlaýyn çäreleri amala aşyrmak.

## XI bap. Bedenterbiýe we sport babatdaky ylmy ösdürmek

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ýurtda bedenterbiýäniň we sportuň ösdürilýändiginiň ylmy taýdan esaslandyrylmagy ilatyň beden saglygyny berkitmäge we türkmen sportuny ýokary derejelere çykarmaga uly itergi berer.

Bedenterbiýäni we sporty ösdürmekde ylmyň wezipeleri şulardan ybaratdyr:

1) mekdebe çenli ýaşly çagalara bedenterbiýe hereketlerini we endiklerini öwretmegiň ylmy taýdan esaslandyrylmagyny ýola goýmakdan;

2) bedenterbiýe we sport bilen meşgullanýan çagalaryň ýaş aýratynlyklary boýunça bedeniniň ukyp-başarnyklarynyň ösüşini öwrenmekden;

3) ýokary derejeli ussat türgenleriň hereket mümkinçilikleriniň çäklerini we ýokary netijeleri gazanmagynyň täze ýollaryny öwrenmekden we gözükdiriji maslahatlary işläp taýýarlamakdan;

4) orta we gartaşan ýaşdaky adamlaryň bedenterbiýe we sport bilen meşgullanyp, saglyklaryny berkitmekleriniň usullaryny ylmy barlaglar arkaly kesgitlemekden;

5) dürli howa şertlerine laýyklykda türgenleri taýýarlaýyş usullaryny öwrenmekden we gözükdiriji maslahatlary işläp taýýarlamakdan;

6) bedenterbiýe we sport bilen meşgullanýan, saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçiligi çäkli adamlaryň mümkinçilikleriniň aýratynlyklaryny kesgitlemek üçin ylmy-barlag işlerini geçirmekden;

7) ylmy-maglumat ulgamyny döretmekden.

Ýokarda görkezilen wezipeleri ýerine ýetirmek bilen baglylykda, ylmy işgärler bilen üpjünçilige, olaryň halkara derejesinde taýýarlanmagyna, şeýle hem ylmy barlaglaryň alnyp barylmagyna aýratyn üns berler.

## XII bap. Maksatnamany maliýeleşdirmek

Maksatnamanyň çäklerinde amala aşyrylmagy göz öňünde tutulan çäreleri Türkmenistanyň Döwlet býujetinde bedenterbiýe we sport ulgamy üçin göz öňünde tutulan serişdeleriň, býujetden daşary serişdeleriň, degişli ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, edara-kärhanalaryň, guramalaryň, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleriniň öz serişdeleriniň we Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirmek göz öňünde tutulýar.

## XIII bap. Garaşylýan netijeler

Maksatnamanyň amala aşyrylmagy şu aşakdaky netijeleriň gazanylmagyny üpjün eder:

1) ýurduň sport ulgamy üçin zerur bolan ökde hünärmenler taýýarlanylar, täze iş orunlary dörediler;

2) bedenterbiýe we sport boýunça hünärmenleriň hünär taýýarlygy we hünär bilim ulgamy kämilleşdiriler;

3) türkmen türgenleriniň gujur-gaýratynyň, öňe ymtylyşynyň, tutanýerli zähmetiniň netijesinde Türkmenistanyň sport abraýy has-da artdyrylar;

4) ilat üçin sportuň dürli ugurlary boýunça internet maglumatlarynyň elýeterli bolmagy üçin sport edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýady berkidiler;

5) bedenterbiýe we sport edaralary üçin ylmy-usuly gollanmalaryň, maglumat, görkezme esbap, ylmy-barlag, gözleg, agtaryş serişdeleriniň taýýarlanmagy üpjün ediler;

6) Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurtda bedenterbiýäni we sporty ösdürmek arkaly ilatyň saglygyny berkitmek, zyýanly endiklere garşy göreşmek, ösüp gelýän ýaş nesli sporty söýmek we halal zähmete hormat goýmak ruhunda terbiýelemek boýunça öňde goýan wezipelerini durmuşa geçirmek ugrunda işler yzygiderli alnyp barlar;

7) milli sporty ýokary derejelere götermegiň ygtybarly ylmy esaslary, hukuk, guramaçylyk, ykdysady-maliýe hem-de maddy-enjamlaýyn binýady döredíler;

8) sportuň halkara talaplara laýyk gelýän ulgamyny döretmek we bu ulgamy ýokary derejeli hünärmenler bilen üpjün etmek işleri dowam etdiriler.

9) Maksatnamanyň maksatlarynyň we wezipeleriniň üstünlikli amala aşyrylmagy netijesinde, bedenterbiýäniň we sportuň ösdürilmegi bilen bagly kanunçylygyň ýerine ýetirilişi, bu babatda alnyp barylýan işler we gözegçilik, esasan-da, sporty ösdürmek babatyndaky işler has-da kämilleşdiriler.

Dünýäde we sebitde ýiti ýokanç keseli bilen bagly durnuksyz epidemiologiki ýagdaýlar emele gelende, Maksatnamada göz öňünde tutulan çäreler Türkmenistanyň Keselleriň ýaýramagyna garşy göreşýän adatdan daşary toparynyň çözgütlerine laýyklykda amala aşyrylar.

## XIV bap. Maksatnamanyň netijelerini jemlemek

Ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, edara-kärhanalar, guramalar, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri Maksatnamada öňde goýlan maksatlary we wezipeleri amala aşyrmakda ýerine ýetirilen işler barada degişli maglumatlary we hasabatlary öz wagtynda Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligine bererler. Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi

Maksatnamanyň möhleti tamamlanandan soňra, Maksatnama boýunça ahyrky jemleýji hasabaty taýýarlaýar.

Şular Maksatnamanyň ýerine ýetirilmegine gatnaşýarlar:

1) Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisi;

2) Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi;

3) Türkmenistanyň Bilim ministrligi;

4) Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi;

5) Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi;

6) Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi;

7) Turkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi;

8) Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi;

9) Türkmenistanyň harby we hukuk goraýjy edaralary;

10) Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komiteti;

11) Türkmenistanyň Merkezi banky;

12) Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi;

13) Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy;

14) Ahal welaýatynyň häkimligi;

15) Balkan welaýatynyň häkimligi;

16) Daşoguz welaýatynyň häkimligi;

17) Lebap welaýatynyň häkimligi;

18) Mary welaýatynyň häkimligi;

19) Aşgabat şäheriniň häkimligi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2021-nji ýylyň 22-nji ýanwarynda
çykaran 2088-nji karary bilen
tassyklandy

**Türkmenistanda 2021-2025-nji ýyllarda bedenterbiýäni we sporty goldamagyň hem-de ösdürmegiň Maksatnamasyny amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň**
**MEÝILNAMASY**

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 02.12.2021 ý. çykaran № 2520 karary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Jogapkär edaralar |
|---|---|---|---|
| 1. | Türkmenistanda bedenterbiýäni we sporty goldamagyň hem-de ösdürmegiň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek | 2021-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisi, Türkmenistanyň Adalat ministrligi, Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi |
| 2. | Türkmenistanyň halkara sport abraýyny ýokarlandyrmak maksady bilen, bedenterbiýe we sport ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek hem-de ýurtda iri halkara sport ýaryşlaryny geçirmek | 2021-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri |
| 3. | Jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgelerini berjaý etmegiň we zyýanly endiklere garşy göreşmegiň ygtybarly serişdesi hökmünde ilaty köpçülikleýin sport bilen meşgullanmaga çekmek | Hemişe | Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisi, Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komiteti, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri |
| 4. | «Türkmenistan - ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy» atly sport ýaryşlarynyň çäklerinde umumybilim edaralarynyň spartakiadasyny, başlangyç we orta hünär bilimi edaralarynyň arasynda sport ýaryşlaryny, ýokary okuw mekdepleriniň arasynda uniwersiadany geçirmek | Her ýylda | Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi |
| 5. | Türkmen jemgyýetinde sagdyn durmuş ýörelgeleriniň esaslarynyň ornaşdyrylmagyny üpjün edýän, ýaşyna we jynsyna baglylykda Türkmenistanyň raýatlarynyň beden taýýarlygyna bolan talaplaryň we beden taýýarlygynyň ölçegleriniň jemini kesgitleýän Beden terbiýesiniň döwlet toplumyny işläp taýýarlamak | 2021-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi hem-de beýleki degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, welaýatlaryň we |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | | | Aşgabat şäheriniň häkimlikleri |
| 6. | Ilatyň arasynda köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen sagdyn durmuş ýörelgeleri, bedenterbiýäniň we sportuň ynsanperwer taglymaty hem-de gymmatlyklary barada wagyz-nesihat işlerini yzygiderli geçirmek | Hemişe | Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisi, Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komiteti |
| 7. | Uýgunlaşdyryjy bedenterbiýäniň we uýgunlaşdyryjy sportuň usullaryndan peýdalanmak bilen, saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçiligi çäkli adamlary beden taýdan dikeltmek we durmuş taýdan uýgunlaşdyrmak işini kämilleşdirmek | 2021-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi |
| 8. | Umumydöwlet, sebitleýin we halkara derejelerde bedenterbiýe-sagaldyş çärelerini we sport ýaryşlaryny guramakda hem-de geçirmekde meýletinçilik işini has-da kämilleşdirmek | Hemişe | Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi |
| 9. | Halk köpçüligi üçin elýeterli bolar ýaly bedenterbiýäniň we sportuň ylmy-usulyýet, hukuk, maglumat ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek | Hemişe | Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisi, Türkmenistanyň Adalat ministrligi, Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi, Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komiteti |
| 10. | Bedenterbiýe we sport ugurly Bilim edaralarynda okatmagyň hil derejesini ýokarlandyrmak we professor-mugallymlaryň hem-de | Hemişe | Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | beýleki hünärmenleriň hünär derejelerini kämilleşdirmek boýunça çäreleri geçirmek | | Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy |
| 11. | Sanly, innowasion tehnologiýalara esaslanyp, bedenterbiýäniň we sportuň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak | 2021-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi |
| 12. | Halkara Olimpiýa komitetiniň we sportuň görnüşleri boýunça halkara federasiýalarynyň sport hünärmenleriniň gatnaşmaklarynda sanly tehnologiýalary peýdalanmak arkaly onlaýn görnüşde okuw-türgenleşik sapaklaryny, halkara ýaryşlaryny, şeýle hem seminar-maslahatlaryny geçirmek | 2021-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi |
| 13. | Türkmenistanyň Milli olimpiýa komitetiniň we sportuň görnüşleri boýunça milli federasiýalarynyň sport hünärmenleriniň gatnaşmaklarynda sanly tehnologiýalary peýdalanmak arkaly welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň ýygyndy toparlarynyň arasynda onlaýn görnüşde okuw-türgenleşik sapaklaryny, döwlet derejesindäki ýaryşlaryny, şeýle hem seminar-maslahatlaryny geçirmek | 2021-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri |
| 14. | Türkmenistanda bedenterbiýäni we sporty goldamak hem-de ösdürmek boýunça daşary ýurtlaryň degişli sport guramalary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek hem-de bu ugurda sanly we innowasion tehnologiýalar babatda dünýä tejribesiniň gazananlaryny ýurduň sport ulgamyna ornaşdyrmak üçin degişli işleri geçirmek | 2021-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligi |
| 15. | Asyrlaryň dowamynda kämilleşdirilip gelnen milli ýörelgelere esaslanyp, ýurduň bilim edaralarynda türkmen milli oýunlarynyň görnüşleriniň ornaşdyrylmagyny gazanmak | Hemişe | Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, welaýallaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri |
| 16. | Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly çagalar we ýetginjekler üçin niýetlenen irki maşklaryň ähmiýetini halk | Hemişe | Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisi, Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi, |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | köpçüligine ýetirmek we bu ugurda teleradioýaýlymlarda gepleşikleri taýýarlamak | | Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komiteti |
| 17. | Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlary bilen yzygiderli okuw-türgenleşik ýygnanyşyklaryna gatnaşmaklary üçin şertleri döretmegi üpjün etmek | Hemişe | Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi |
| 18. | Dürli howa şertlerine laýyklykda türgenleri sport ýaryşlaryna taýýarlamagyň usullaryny öwrenmek we bu ugurda gözükdiriji maslahatlary işläp taýýarlamak | 2021-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy |
| 19. | Bedenterbiýäniň we sportuň ähmiýeti, sport bäsleşikleriniň netijeleri hem-de sport ulgamynda ýetilen sepgitler barada gepleşikleri we makalalary taýýarlap, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly halk köpçüligine ýetirmek | Hemişe | Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisi, Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaly minisligi, Türkmenistanyn Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinemalogialiya baradaky döwlet komileli |
| 20. | Sport mekdepleriniň türgenlerine we milli ýygyndy toparlaryň agzalaryna yzygiderli lukmançylyk gözegçiligini has-da ýokarlandyrmak babatda işleri alyp barmak | Hemişe | Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi |
| 21. | Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, edaralarda, kärhanalarda we guramalarda işgärleriň bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaklary üçin goldaw berilmegini hem-de sagdyn durmuş ýörelgeleriniň netijeli ornaşdyrylmagyny höweslendirmek | Hemişe | Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, beýleki ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri |
| 22. | Zehinli ýaş türgenler borçnama boýunça harby gulluga | Hemişe | Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi, |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | çagyrylanda olara sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlary bilen okuw-türgenleşik ýygnanyşyklaryna gatnaşmaga şert döretmegi üpjün etmek | | Türkmenistanyň harby we hukuk goraýjy edaralary |
| 23. | Türkmenistanyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň düzümlerinde döredilen sport toparlarynyň işini has-da kämilleşdirmek babatda usulyýet dollanmalaryny we okuw meýilnamalaryny işläp taýýarlamak | 2021-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligi, Türkmenistanyň harby we hukuk goraýjy edaralary |

**Bellik**: Dünýäde we sebitde ýiti ýokanç keseli bilen bagly durnuksyz epidemiologiki ýagdaýlar emele gelende, Türkmenistanda 2021-2025-nji ýyllarda bedenterbiýäni we sporty goldamagyň bem-de ösdürmegiň Maksatnamasyny amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasynda göz öňünde tutulan çäreler Türkmenistanyň Keselleriň ýaýramagyna garşy göreşýän adatdan daşary toparynyň çözgütlerine laýyklykda amala aşyrylar.